# Mätäçlik

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mätäçlik MÄTÄÇLIK

Döwür geldi ýerden galdy egnimiz,
Wagty ötdi ok sesinden ürkmegiñ.
Gadryn bilýän gazanylan begligiñ,
Nesillere mätäç bu gün türkmenim.

Dünýä gezip baýdak ýaly parlaýan,
On dil bilip, ýolbars ýaly arlaýan,
Ýurda dönse, ene dilde gürleýän,
Nesillere mätäç bu gün türkmenim.

Bilim alyp, öz halkyny goldajak,
Öñden gelýän ar-namysy bozmajak,
Internediñ oýnatgysy bolmajak,
Nesillere mätäç bu gün türkmenim.

Dostuñ däl, taryhyñ syryny açýan,
Ýeten üstüñligñe guş bolup uçýan,
Dünýägaraýyşy Marsa nur saçýan,
Nesillere mätäç bu gün türkmenim.

Bilim alyp, öwrenmekden doýmajak,
Ene-atañ buýsanjyny toýlajak,
Pyragyny çañ basdyryp goýmajak,
Nesillere mätäç bu gün türkmenim.

Ynsanyñ niýeti bular ykbaly,
Ynsanyñ ynsaby dolar ykbaly.
Biziñ hemmämiz däl, köpimiz ýaly,
Nesillere mätäç bu gün türkmenim.

Kerim HALLY. Goşgular